# Ýagmyrly gürrüň / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýagmyrly gürrüň / hekaýa ÝAGMYRLY GÜRRÜŇ

Meniň adym Kuly. «Ýagşyny taryplamak parz» diýlensoň, menem klasdaşym Ýagmyry öwüp arşa çykaraýyn diýdim.
Ýagmyr, tüweleme, tüýş şu dünýäniň adamsy, haçan görseň zähmetde. Käbirleriniňki ýaly, «toýa hyzmat etmelidir, ýaşu sowuşmalydyr» diýip; biderek zatlara kelle agyrdyp ýörenok. Ýogsa-da, mysal gerekmi? Ine, mysal! Öňräk bir deň-duş oglanymyzyň ýyly dolup, neressäniň belli gününe bir janlyjyk alaýalyň diýşip pul jemledik. Soňam baryp Ýagmyra ýüz tutduk. «Ýagmyr, dost, maşynyňy otla, bazardan bir toklu alyp gaýdaýaly diýsek, ol: «O-how, siz, nähil-aý, bärde ekinim bazara äkidilmän çüýräp ýatyrka, men bazara goýun almaga giderinmi-aý?!» diýip, oňaryp aýtdy.
Tüýs «berekella» ol! Onuň ýerine başga biri bolan bolsa, işden gaçmak üçin: «Ýörüň» diýerdi. Şeýdibem halal zähmetiniň hasylyny püçege çykarardy.
Ýene-de ol gaty geçirimli, göwrümi giň adam. Biri batnyksyzyny ataýsa-da, onuň ýüzüne zat diýmeýär. Gaharyny jylawlap saklanýar-da, ol gideninden soň ýa-da öýünde, aýalynyň ýanynda içini boşadýar.
Tüýs berekella ol! Şeýlebir berekella welin, soňurak il-gün: «Kuly kassiriň Ýagmyr ýaly ogly bar. Kuly şeýle ogul ýetişdiripdir» diýäýse ýer-ä ýarylmazdy, menem girmezdim…

Serdar ATAÝEW.

# edebiyatwesungat_2000 Satiriki hekaýalar